# Eşidenim hem görenim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eşidenim hem görenim EŞDENIM HEM GÖRENIM

Öň eşitdim, bu gün anygna ýetdim,
Kejeñege gep, söz täsir etmezmiş.
Namart aýyp gözlär eken özgeden,
Öz aýby hiç öz aňyna ýetmezmiş.

Anyklygym, aňdym ýene-de şuny:
Hudaý guýmadyga bolmazmyş guýup.
Zer bilen, zor bilen ynsan söýdürip,
Ýa sulhuň almazy bolmazmyş söýüp.

2021 ý.

***

“Kyrkyňda sen saz öwrenip,
Ony görüňde çaljakmy?!”
Diýensoňlar gepçi kişä,
Ol nä gep alyp galjakmy?!

Kinaýaly gülüp, diýen:
“Garaşyp durman ölere,
Öwrensem çalyp bermekçi,
Size däl-de, dirilere!”

2021 ý. Goşgular